# Alymyň «gussasy»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Alymyň "gussasy" ALYMYÑ «GUSSASY»



Asmanda gaýmagy arzuwlan ýigit
Iki ganat ýasap guşuň perinden,
Säher çagy ynam bilen bat alyp,
Goýberdi özüni Eýfel diňinden…
Ýigit bir bolşundan üýtgemän ýatyr,
Mes topraga garyp gyzyl ganyny.
Şol pursat gözüne äýnegin dakyp,
Orta çykdy dünýäň uly alymy.

Ol ýerdäki ganatlary aldy-da,
Merhumyň halyna gyýylma derek
Diýdi: «Bir metrden ganat bolmandyr,
Iki metr edip görmeklik gerek».

01.12.2018. Goşgular